# Wagt golaýlan daňdana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Wagt golaýlan daňdana Ýatyp erdim gafflatda, şypa isteýip jana,
Näge syçrap oýandym, wagt golaýlan daňdana,
Turdum, taharat kyldym, päk suw çalyp endama,
Göz ýaş birle sugundym ol mübärek Subhana,
Gördüm, bir kişi durur, ýüzi ajap nurana.

Diýdim’ki «Kim erur siz?», diýdi «Seniň ussadyň!»,
Diýdim’ki «Ne hyzmatdyr?», diýdi «Goýmaz perýadyň»,
Diýdim’ki «Ençe okap, syryn bilmen köp zadyň»,
Diýdi’ki «Aytgyl arzyñ, hasyl boldy myradyň»
Sordum bilmegen zadym, ger söz gelse zybana.

Diýdim’ki «Ne birdir ol?» diýdi «Ol ýalňyz Hakdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de bir «Ol bu dünýä gelmekdir»,
Diýdim’ki «Ýene-de bir «, «Ol ahyry ölmekdir»,
Diýdim’ki «Ýene-de bir «, «Magşarda dirilmekdir»,
Diýdi «Saňa bu akyl bolsun bizden nyşana».

Diýdim «Ol ne ikidir?», diýdi » Ata hem ene»,
Diýdim «Ýene-de iki?», «Ser sal Aý birle Güne»,
Diýdim «Ýene-de iki?», «Bak iki jahan, ine!»,
Diýdim «Ýene-de iki?», «Müñkür-Nekirdir ýene,
Bu zatlary bilmeklik wajyp barça ynsana».

Diýdim’ki «Ol ne üçdir», diýdi ol farzy gusul»,
Diýdim»ki «Ýene-de üç?», «Namazy witir asyl»,
Diýdim»ki «Ýene-de üç?», «Adam ömri üç pasyl»,
Diýdim»ki «Ýene-de üç?», «Üç amal kylsyn nesil»,
Farzy-wajyp hem sünnet zerurdyr musulmana.

Diýdim’ki «Ol ne dörtdir», diydi «Täretde farzdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de dört?», «Ol tekbiri namazdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de dört?», «Tämizlik şerti sazdyr»,

Diýdim’ki «Ýene-de dört?», «Çahar ýar – dilnowazdyr,
Her dem ýatlap, sygynsaň kifaýadyr imana».

Diýdim’ki «Ol ne bäşdir?», «Şerti yslam hakykatdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de bäş?», «Ol bäş wagty salatdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de bäş?», «Gusulda wajybatdyr»,
Diýdim’ki «Ýene-de bäş?», «Dirilik ganymatdyr,
Şükür kyl bäş gün ömre, soň gelmersiň jahana.

Diýdim «Ol ne altydyr?», «Alty keleme başda»,
Diýdim’ki «Ýene alty?», «Alty jähet durmuşda»,
Diýdim’ki «Ýene alty?», «Farzdyr namazdan daşda»,
Diýdim’ki «Ýene alty?», «Farzdyr namazda – içde»,
Hatasyz berjaý kylsaň, arzyñ ýeter asmana».

Diýdim «Ol ne ýedidir?» diýdi «Ýedi soltandyr»,
Diýdim’ki «Ýene ýedi?», diýdi «Farzy imandyr»,
Diýdim’ki «Ýene ýedi?», «Ol ýedi gat asmandyr»,
Diýdim’ki «Ýene ýedi?», «Ol dowzah bigumandyr,
Azapdan heder edip, hyzmat eýle Rahmana.

Diýdim «Ol ne sekizdir?», diýdi «Syfaty Subhan»,
Diýdim’ki «Ýene sekiz?», «Sekiz behiştdir ol san»,
Diýdim’ki «Ýene sekiz?», «Behişdi sekiz haýwan»,
Diýdim’ki «Ýene sekiz?», «Päk suw görnüşi beýan»,
Diýdi «Bu syr bildirmez her ylymsyz nadana!»

Diýdim «Ol ne dokuzdyr?» diýdi «Dokuz pelekdir»,
Diýdim «Ýenede dokuz?», «Dokuz beýik melekdir»,
Diýdim’ki «Ýene dokuz?», «Tähret dokuz bölekdir»,
Diýdim’ki «Ýene dokuz?», «Bil dokuz iş telekdir,
Piriñ Pyragy», diýip gaýyp boldy bir ýana.

Annadurdy Molla. Goşgular